# Şahyr we jenan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Şahyr we jenan ŞAHYR WE JENAN




*(liriki ýumor)*
Şahyr ýalbardy zenana, gül ýüzüň aç, göreý diýip,
Ýogsa bu köňül weýrana ýykylgan bir saraý diýip.

Zenan edepli-utançly, kamatynda näz-kereşme,
Misli bir peri gatançly, salykatly ýazda-gyşda.

Şahyr labzy şirin-şeker, gaýgyrmady bal sözüni,
Emma zenan eger-eger görkezmedi gül ýüzüni.

Ahu göze sürme çekip, gül ýüzüne gülgün perde,
Ok kirpikler bagryn ýakyp, saldy şahyr kalbyn derde.

Ýar hasaplap ol zenany, boldy gül ýüzüne muşdak.
Bir baksa galmaz armany, uçar gök ýüzüne guş dek.

Emma ki etdimi ejap, gitdimi köňli gümana,
Şahyr islegini berjaý etmedi, goýdy armana.

Şahyr hassa oň hekimi, ýedi yklymda tapylmas,
Gözleseň alys-ýakyny, alys ýakynda tapylmas.

Aňla şahyryň halyny, görse zenanyň roýuny,
Gujagna gysjak ýalydy göýä asmanyň aýyny.

Gül ýüzüň aç göreý diýip ýalbardy şahyr zenana.
Ýoksa bu ýagty ýalançy dönjekdir ahyrzamana.

Belki-de gelin duýandyr şahyryň aşyk boljagyn,
Kalbynda ýalyn ýananda bilmese nädip boljagyn.

Gorkandyr gelin, gorkandyr, şahyry mejnun etmekden,
Gije asmany örtende ýanmaga mejbur etmekden.

Hatda ýagty gündizlerem kalbyn ýakyp, tütäp-tüssäp,
Tamam ömrün öwrer öýtdi aýdym-şygra kitap, kyssa.

Uzyn sözümiň gysgasy görkezmedi gül ýüzüni,
Gutardy şahyr kyssasy tamam etdi bul sözüni.

Her sataşan şahyryna görkezip ýörse gül ýüzün,
Wepadar nigärimiz bolarmydy ol biziň?!

25.05.2022 ý.

- **Dostluk hakda**

I.

Tolkunlaryň ýylman ak daşlary dek.
Geçen günler birenaýy görünýär,
Her ýana urunýar,
Delmiýär ýürek,
Şum tukatlyk garşysyna sürünýär.

Dostlugam söýgi dek bir başa bir paý,
Ol bir dür monjugy tapylýan seýrek.
Belki çyn dostlukdan ýapynyp serpaý,
Bäş günlük ýalança gelinýär seýre.

Ýüregimde ýakyp ýalyn-otlary
Şol günleri ýatlanymda her gezek,
Bilýän, indi dolanmajak dostlary
Küýsäp aglamaga çola ýer gerek.

II.

Her hili gün bolýar adam başynda,
Ykbala ýazylan her kysym emgek.
Dost başyn gam iýse, oýlanyp durman,
Gurban bolsam diýýäň dostuňa derek.

Bir gün ömür ahyr bolup haçanda,
Iň soňky demlerin alanda gursak,
Bakyýete tarap toýa barýan deý,
Çyn dostuň egninde gitmegmiz gerek.

Ruhum syrat köprüsinden geçende,
Jennet alys, ýakyn gelende dowzah.
Belki bizi çyn dostlugyň hakyna
Jennete salarlar saklaman uzak.

Sentýabr 2019.

* * *

Uzak gijeleri ýatman geçirýän,
Meni hüwdüleýär säher daň sazy.
Arzuwlarmy ak guş edip uçurýan,

Gaýdyp gelse bolýar olaň deň ýary.

Gündizler gözleýän zadymy tapman,
Dört tarapa elek bolup elenýän.
Arzuwlam kempir deý düşse-de tapdan,
Düýşlerimde melek bolup dolanýar.

27 iýul 2021.